# Ýagyş damjasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýagyş damjasy ÝAGYŞ DAMJASY




Jaýlaň üçeginden syrygan damja
Damanynda ýaşyl baglaň egnine.
Ýapraklarny ýuwup seren agaçlar
Meňzär dünýäň gök kürteli gelnine.
Ýeri deprek edip ýagan ýagyşdan
Gaçar hemme gözläp saýa baryny.
Bir oglanjyk ezilip dur daşarda
Gyz jigsine tutup saýawanyny.

Saça däl, ýürege siňer damjalar,
Ruhuňa ýakynlar ýagyşly howa.
Sowasa-da ýüzüň sypalan şemal,
Sen otly hyjuwdan bilmersiň sowap.

Gül açylar ýagşa çygjaran kalbyň,
Pikriň oýa:r Gögüň çawran gamçysy.
Bir pursat gaýgyňy unudarsyň sen,
Başyň sypalanda ýagyş damjasy.

Güler ýüzün adamlara bagyşlap,
Ýagmasyny kesmeýär bu ýagyşlar.